# “Sogap” / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
“Sogap” / hekaýa “SOGAP”




Rakeş bilen Şurt ikisiniň bu gün talaby çüwdi.
Garaşylmadyk ýerden gün ýaşyp barýarka, pullurak goňşa, gädiginde depe turup ýatan zibili ýükleşmäge kömek etdiler. Olam bulara bir çüýşelik eçildi.
Dogrusy, Rakeşiň-ä bu ady, birmahal ata-enesiniň dakan, Rejepgulumy, Rejepberdimi, Rejepmyratmy, Rejepnazarmy…garaz, öňi Rejep aýyna ýanalan adyndan gysgaldylyp-gysgaldylyp, häzirki görnüşine gelipdi.
Şurtyň bolsa, çyn ismini hiç kesem, hatda oň özem bilýän däldir.
Çagalykda içegen kakasy bilen oň şatysyna çydaman, mydama aňkas-a aşgyn, ne öýünde, ne özünde syr-sypat ýok, çamalagam çaşgyn ejesi üçin-de, ol dogup-döräp Şurtdy. Onsoň jigi-dogan, garyndaş-goňşy, obadaşlar üçin-ä baýagam.
Nämüçin Şurt?

Nädip Şurt?
“Şurt” näme?
Huda bilsin!
Rakeşem, Şurtam gadym döwürlerde-de, ilk-ä süpük neşekeş boldular.
Soňra kanunyň gazabyna uçrap, “düzeldim” edip gelensoňlaram, süpük alkaş.
Bu günem zährimara ýeterlik pul düşen dessine olar, ýumlugyp gidäge-de alnyp geldiler.
Öýd-ä indi ikisiniňem ogullary daýaw-daýaw ýigit bolup ýetişen.
Çagakalaram bulaň derdinden ýuwdan hunabalaryny, gören günlerini it-ä däl, syrtlan ýa-da şagal görse-de gözi agarjak. Şoň üçinem içjek bolup öz howlularynda olaň gözüne ilen özüň bolma (Tükenen-laý bi zamanyň çagalary! “Kakamdyr-ow şy-da!” diýip, sylap goýaýjakgäler-ow! Sähel nemetdigiň: “Ejeme öňki edeniň azmy, hä?!” diýip, üstüňe düwläp, tumşugyňdan käşirsalit ýasajak bolup ýatyrlar-ow, hakyýt! Wäpçe-laý büler! Inni gel-gel özüňden önenler, biliňden gurbatyň gidensoň, ine-gana durmuşyň hözirini görmäge goýman, şeýdip dursa, ölemmiň-ýitemmiň-aý?!).
Ýöne, bulaň bagtyna, gowy zady, obaň ilerisindäki uly ýoluň gyrasy, gadym zamanlarda “Gökguşak” diýlip ekilen gyrymsy tokaýlyk. Aşak eglip bärisinden garasaň, iki ädimden aňryň görünmeýär. Içine sümülip gitseň, ýekegapan awlamakda halypa çykan awçylar agtaryp tapaýmasa ýa-da özüň ýadap yzyňa çykaýmasaň, köwşüňi ýa tammanyňy ite ysgadybam tapyljak gümanaň ýok.
Sümdüler.
Ýoldan üç-dört ädim buljumraga çekilip, çökdüler.
Ýere köne klýonka paket.
Üstüne öýden ogrynça alnyp gaýdylan şapbat ýaly gaty çörek, bir gysym jigirdek, birem mürşerip giden sogan – zakuska.
Arzanlygy sebäpli gapagyny aýran badyňa ýanan reziniň beýniňi çaýkaýan porsy ysy dünýäni tutýan aragyň yzy bilen içmek üçinem bir düpbe suw.
Ýene-de bir zat: munuň deý meýi, çyn köşk begzadalary “irýumga” diýilýän, kindiwanja, hut aýaňa sygdyraýmaga gamaýja, ebgine (hrustal) bulgurjykda süzýämiş.
A bular bolsa köşk däl-de, “köçe begzadalary” yrzyn yslyja aragy marožnydan boşan, plastik kürüşgejiklerde geýdirýäler.

I niçewo.
Gül ýaly.
O-da peýan edýändir.
Bü-de.
Onsoň nämede “süzeňde” nä, “geýdireňde” nä?
Ahyrsoňy maksat “süzmek” ýa-da “geýdirmek” däl-de, peýançylyk dämi?!
Başladylar.
Tostsuz-beýlekisiz.
Adyň-a oba belli Rakeş bilen Şurt bolsa, edýäniňem il gözünden, ykmanda itleň kaňkaýan buljumynda bukulyp, tozandyr, kerep-kirşene bulaşyp wurha-wurlyk bolar-da, oňammyr tosty bolarmy?
Plastik bulgurçalar yzba-yz boşady bardy. Saçak edilen paket üste goýlan birki owuçlyk odur-budura kän ellerem uzanok. Diňe käte bir gözlerini burun deşigine gaçyraýjak bolup, ýüzlerini bürüşdirip düpbeden gezek-gezegine suw owurtlaýarlar diýäýmeseň.
Zaňňarlaň ikisem köne “möjek”. Bilipjik durlar. Iýmän wursaň, bahym “doňýaň”, gowy “doňýaň”.
Ikisine-de geregem şo.
Sebäbi peýan bolman “wurmak” – ýele sowrulan pul.
Birsellemden çüýşe boşady.
Ikisiniňem diliniň duşagy çözüldi.
-Şurt druk,-diýip ilki Rakeş dillendi:-Bilýäňmi war-a?!
-Jykk,-edip, müçesi ülpediniňkiden esli kiçi Şurt, şoň üçinem içen zährimary kellesine beterräk depip, başyny silkende, öz herekediniň zarbyna tas öňlügine omadakgetdan aşýardy.
-Men war-a druk, şü ömrümde ýekeje adama-da ýagşylyk edip, sogap gazanyp görmedim-ou! Bilýäňmi şuny, Şurtjan?!
-Jykk,-edip, Şurt ýene-de ýaňky hereketini gaýtalady.
-Inni şeýdip, wäpçe ýekeje-de sogapsyz ötäýdibermeli bormukar-aý, Şurt druk, hä?!
-Jykk.
-Onda hany bol, mazgiňi krutit et-dä! Şymat kelle düzüwkä, ýagşylygam edesimiz tutup ýatyrka, kime-de bolsa birine kömek edip, sogap gazanar ýaly birzatlar birzatlar oýlap tap-da, Şurt druk!
-Jykk.
-Äý ýo-laý! Sen palçykdan-a tolk bolasy ýok-laý! “Däliň belläni enesiniň nemesi” diýilýär-ä, ana seňkem şol-aý, Şurt

drik! Hiýk…tois…drek…hiýk…tois…dork…tüfüňemmir-aý! Druk-laý-ow, druk-laý, Şurt! Şeýle dämi?
-Jukk.
-Äý sugo! Ýykarsyň-laý inni!
Şo pille-de ýol tarapdan gelýän hümürdi, olaň ikisiniňem ünsüni çekdi.
Rakeş sesini tapba kesdi-de, şo tarap üşerildi.
Bir-ä eletelefonda gepleşýär. Sesem ýaşuly adamyň sesi. Gyryklaç, bildirer-bildirmez endireýşinden aňdyrýar. Özem telefonyny gowy işlänokmy nämemi, bogazyna zor salyp, gygyrmaň bäri ýanynda gürleýär:
– Oglum! “Oglum” diýýän-how! Nä, eşidilenokm-aý?!…Eşidilýän bolsa, diňle meni! Ilerki dükandan towuklara bir halta iým alyp gelýädim weli, tigriň-ä yzky tekeriniň ejesi guma gaçyp gitdi…Hä?! Eşideňokma-ýow, oglum?! “Iým getirýädim welin, tigrim döwüldi” diýýän! “Ilerki ýoluň gyrasyndaky bagçylygyň deňesinde durun” diýýän…Howwa…Howwa. Howwa şo taýda. Howwa gelip, iými alyp gitmeli…Näme: “şäherde, ýarym sagatdan barýan” diýýäňmi? Äý sen-ä oňaryp ataýdyň-aý, han ogul! Nä, inni men, sen şondan şuňa gelýänçäň, şeýdip, şü bir bogdak iými garawullap, ýarym sagatlap, ýedi ýoluň çatrygynda gazarylyp durmalymy? Bi, Gün diýeniňem-ä eýýäm ýaşyp gelýä…Näme? “Tigriňi iýt-de, iými taşlap gaýdyber, barşyma alyp geçerin” diýýäňmi? A-how, ä birdenkä biri alyp gidäýse nä?!…Näme? “Kim başyna ýapsyn-aý?” diýýäňmi? Äý howwa-la, görmediňiz-dä o döwri…Hojalygyňdaky hammamyňa girip, tammanyňy çykaryp, suwa düşünmek üçin aňryňa bakdygyň, şony çilmäge ýetişýädi ýeksurunlar…A sen bolsa: “iýmiňi başyňa ýapsynlarmy?” diýýäň…Äý bolýa. Onda huşuňdan çykarman alyp geçgiň. Men-ä namazdan gijä galyp barýan. Häzir azanam gygyryp ugrar. Gitdim onna…Hä? Näme? “Näme diýýäň?” diýýäňmi? Nä, gulagyň kerm-aý-eý, han ogul? Gygyra-gygyra bogazymy tüýdüge dönderdiň-le halys! “Gidýän” diýýän, “alyp geçgiň, hökman” diýýän. Şo aňyrdan gelşiňe öz çatrygymyza öwrülýän ýeriňde, ýoluň ileryüz tarapynda barduryň aňry ýüzünde goýandyryn. Taparmyň garaňkyda? Hä?! Wiý, hä, ulagyňda çyraň bardyr-ow. Bor onna, alyp geçgiň hökman, huşuň deşik bedreligiňi edip, hö günki ejeňi toýdan alman, galdyryp gaýdyşyň ýaly edäýmegiň, bolýamy? Hä? Näme? “Ejemiň özi soň bararyn diýd-ow, kaka! Näçe aýtdym-aý?” diýýäňmi? Hä, “geple Çepbe, seňki hepde”. Şümat ýamanammyr gowy bilýän-dä, şo toýda meň heleýim däl-de öz

heleýiň-ä ýadyňdan çykaryp, galdyryp gaýdaýmanjyk geçerdiň-le. Bor onna, “alyp geçgiň” diýýän, saňa bolýamy?…
Birhaýukdan soň ýaşulyň hüňürdisidir çybşyldysy uzaklaşyp, ýitip gitdi.
Rakeş bilen Şurt gyrymsylykdan çykdylar.
Dogrudanam bir halta iým.
Ýatyr.
Iňrik garaldy.
Ýoldan “wazlaşyp” geçýän seýrek ulaglar bolaýmasa, janly-jemende ýok.
Öz-özünden gözi ýanyp ugran Şurt, ýuwaşjadan serhoşlygyndan saplanmaga başlady.
-Yrak…hiýk…geş…kent! O zat bar-a…hiýk… “Hudaý nemesine nemetjek bolsa nemeder”…hiýk…diýilýämi?-diýip ol, bazzyk-buzzuk etdi.
Rakeş her neneň gutaran süpük bolsa-da, hut şu wagt ýa onuň aňynda nähilidir birhili düşnüksiz bir zat gozgandy ýa-da serhoş kellesinde bimany hötjet isleg örç aldy.
Ol kejirlik bilen kellesini silkeledi-de:
-Ýok,-diýdi:-Görýäňmi, Şurt druk, ýaňy men ömrümde bir gezegem bir adama-da ýagşylyk etmändigimi aýtdym, şoňa-da ökünýän ýaly boldum. Ýokarkam göni güpürt, me saňa! Maňa şol zady etmäge mümkinçilik berdi göwerdi.
Şurt düşünmedi.
Bi ülpedi nä sammyk-maý? Ýa ýaňky ýelmenen öňkülerdenem beter wäpçe zaýa çykyp, bü bedibagt garamaňlaýyň kellesini zaýalap äpberäýdimikä?
-Öw-öw, wyratok…hiýk…Yrageş-ou! Näm diýip ýatyň-aý, şümat?!
-Özüň bilýäň, Şurt! Men molla däl. Ýöne men bir zada ynanýan Hudaý biz ýaly konçennyý adam däl. O biz ýalylar bir zat diýdi, fysýo, guýa gaçdy, gark boldy, ýitdi gitdi. Soň etdisi ýok bolanda-da bolýa. Emma, O weli,-diýip Rakeş barmagyny ýokarylygyna çommaltdy:-Diýdi. Etdi. Nagt. Göni. Me saňa! Al.
Ülpediniň näme diýýändigine akyl ýetirjek bolup, oň barmagynyň gögeren ýerine tiňkesini diken Şurt şo çommalyp duran barmagy nazary bilen uzaboýuna yzarlap ýokarylygyna äňetdi. Mazaly garalyp ugran asmanda kimdir birini ýa-da nämedir bir zady görjek bolýan dek siňe-siňe seretdi.
Görmedi.
Ýöne näme diýjeginem bilmän “hiýk” edip, hynçgyrmak bilen çäklendi. Emma, düşünmese-de ol ülpediniň gaňryşyna gaýtmakdan

çekindi. Sebäbi onuň ýagdaýyna belet. Özünden esli daýaw Rakeş, tersinden tutsaň ýenjibermekdenem gaýtmaýardy.
-Ýaňky ýaşok kim? Sesinden tanadyňmy?-diýip, hemşerisini özüniňkä boýun etdim hasaplan Rakeş sorady.
-Neme-laý…,-diýip şo bolşuna-da owal-a dogabitdi tangyr, üstesine-de çagalygyndan obany köçe-köçe syryp ýörensoň, onuň her bir ýaşaýjysyna diýen ýaly esentanyş deý belet Şurt ýeňsesini gaşady:-Möwwet agamyka diýdim men-ä.
Rakeş tanamady.
-Kim, kim?
-Ho dördünji köçäň şy çatrygyndan çepe öwrüleňde ikinji jaýda ýaşaýalar-a-how, Yrageş! Uly oglam şäherdemi bir ýerd-ä işleýändir-läý.
Rakeş uzak kelle döwüp durmady:
-Öýüne belet dämi?
-Howwa.
-Göter onda beýleki tarapyndan. Äkidip gaýdaly.
-Nirä?
Şurt geň galmakdan ýaňa agzyny öweltdi.
-Ýaňky Möwwet aga diýýäniňe.
-Nämüçin?
-Iň bolmanda birine ýagşylyk edip, ömrümizde birje gezegem bolsa sogap gazanyp görmek üçin. Näilikä?
-Näme?
Indi Şurt geňem galmady. Hakyýt haýrany hekgermesi hüwwede öwrüldi.
-Näme “näme”?-diýip ýerde ýatan haltany tutmak üçin çemeliräk ýerini sermeläp, eglip duran Rakeş sorady.
-Näme “nähilikä”?
-Näme bor-ou, Şurt druk? “Sogap” bor-da.
-Ýo onyňa düşdüm, Yrageş. Ýöne bi haltany şundan şoňa, dört çatryk süýräp äkidip nämetjek?
-Aýtdym-a-how, Şurt! Nä gluhoýmyň-aý? Ýa birje süýşäni nemetdim diýip, wäpçe peýan bolup galaýdyňmy? “Sogap gazanaly” diýýän-ä-how.
-Ýo onyňa düşündim. Ýöne häzir Möwwet agaň ogly gelip alyp gidýär-ä-how bi haltany! Gaýta biz şüňe degmänjik gitsek, şoň özem sogap bolanokmy?
-Ýo,-diýip, kütek keçjallygy gaýym gozgan Rakeş, kesirlik bilen tüňňerildi:-O gelip äkidýänçä eltip bermesek, biziňki sogap bolanok. Soňam muň ýaly ýagşylyk etmäge mümkinçilik

duşarmy duşmazmy?! Äý bolýa-la, Şurt! Ýaman köp kepleýäň-laý! Kelläni bulaşdyrma-da, tut-eý haltany! Ýohhamam häzir nemedip ugraýan men…
Ülpediniň bu azmly buýrugy Şurty ukudan açylan ýaly etdi. Ol Rakeşiň sende ýok mende özüni şapbatlap başlabermeginden elheder aldy. Dessine halta ýapyşdy. Göterdiler. Alyp ugradylar.
Bir köçe.
Ikinji çatryk.
Halta o diýen agyr bolmasa-da ýadadýar. Ýöne, öň neşebentligiň haý-haýly döwri munça-munça ýüklerem, ýollaram gerşinden geçiren ülpetler, kän daljygman, Şurtyň: “Ine şy, Möwwet agalar!” diýip görkezen howlusyna ýetdiler.
Derweze ýapyk.
Haltany haýada söýän Şurt Rakeşiň ümüne tabyn bolup, derwezäni kakdy.
Gürp, gürp.
“Hä-hawa” berýän ýok.
Rakeş ýene-de ümledi.
Ýene-de kakdy.
Aýak sesi eşidildi.
Derwezäň haýat tarapdaky gyrasynda, gapyça açyldy. Boýy-syraty Rakeşdenem esli daýaw, otuz ýaşlaryndaky pyýada çykdy. Olary boýdan-başa birlaý synlady. Olaryň üsti-başyna, aňkap duran ysyna seňrigini ýygyrsa-da, her niçigem bolsa obadaşlary, ýaşkiçilik edip, göwünli-göwünsiz salam berdi:
-Salowma…
-Waleýkim essalam-ow, inijik!-diýip ýüzüniň ugruna, özüniň şadyýan-alçak kezzap düwmesine basan Şurt, endikli göwnaçyk äheňinde söze başlady:-Äý ýaňy dädeň bir halta iým goýup gaýtdy welin, şony getirdik-laý!
Onuň sözlerini eşiden pyýadaň ýüzüniň terzi üýtgäp gitdi. Bir demde ýüzüniň gany gaçyp, ak tam boldy. Ilk-ä nämüçindir gepläbem bilmeýäne çalym etdi. Dem salym kynlyk bilen ýuwdunyp durdy. Soňam özüne öte zor salýany mese-mälim, gyryljak dillendi:
-Kim diýdiň?
-Dädeň,-diýip henizem alçak-şadyýan kezzaplyk funksiýada işläp duran Şurt, keýpihon jogap gaýtardy.
Tarp!
Rakeş nämäň nähili bolandygyny görmäge-de ýetişmedi. Daýaw

pyýada megerem boksýor bolara çemeli. Üstesine-de berdaşly, agyr göwre. Göze ilmez çaltlykda bir uranda beýle-beýle zatlara garaşman, arkaýyn duran Şurt görgüliň aýagyny ýerden üzdi-de, ony arkanlygyna honda zyňyp goýberdi.
Oslagsyzlykdan ýaňa aňk-taňk bolan Rakeş nämedir bir zat geplemäge ýa-da etmäge ýetişmänkä-de, bar gazaby gözüne üýşüp jynsy üýtgän pyýada, bir süýşende oň alkymyna dykyldy-da, ýakasyndan ebşitläp tutdy. Bir dartanda-da Rakeşi özi bilen maňlaýma-maňlaý etdi-de, gorkunç haşşyldady:
-Eý-ý! Sen-eý-ý! Süpük-k! Mynyňam al, haltaňam-da, üçe çenli sanaýançam çatrykdan öwrülip, güm bolmaga ýetişmeseňiz ganyňyzy gotura derman edýän häzir! Men siz ýaly süpüge peýan bolup gelip, gijäň içinde, gel-gel indi öz öýümde otyrkam, on ýyl mundan ozal wepat eden kakamjanyň adyna ysnat ýetirip, oň üstünden güldürerinmi? Düşdüňmi, süpük-k?!
Rakeş baş atmaga howlukdy. Şeýdäýmeseň bu gany depesine uran pyýadaň tüýsi bozukdy. Kelläň gyzgynyna aýdanyny edibermegem daşda däl. Ol özüni arkanlygyna idenekledip goýberen dessine-de, Rakeş henizem düzüwli özüne gelip bilmäý asfaltyň ýüzünde bulamak bolup ýatan Şurtyň goltugyna girdi-de, ony süýräp çatryga garşy müňzäp ugrady.
-Haltaňam äkit, ijjeňizemmir siziň!-diýen haşşyldy ýeňsesinden eşidilende-de Rakeş gyssanjyna ülpedini taşlady-da, halta ýapyşdy.
Adam pahyr aljyramasyn. Rakeşem gaty gorkandanmy nämemi, oňa gysga wagtlygam bolsa däli güýje geldi. Iýmli haltan-a bir silkende arkasyna aldy. Ýaňybir tagaşyksyz gymyljyrap, huşuna geljek bolýan Şurtyňam ezeneginden süýräp, çatryga garşy höküdikläp ugrady.
Edil üçe çenli sanalýança-ha däl, ýöne bäş-alta çenli sanar sekuntda-da ol üç-dört hojalyk aralygy dazanaklap geçip, çatrykdan aýlanmagy başardy. Öwrülen ýerinde-de ysgyny gitdi. Zordan köçeden çete çekilip, haltany arkasyndan gaçyrdy. Şurtam oň gapdalyna taşlap, özem halta çökdi.
Onýança Şurt özüne geldi. Gözüni elek-çelek edip, ol nämedir bir zat diýmekçi bolanam şoldy welin, aňyrdan batly gelýän ulag olaryň deňesinde jüýgürip, tekerlerini ala-tütün edip togtady. Ondanam ýaňky ýaly bir daýaw pyýada atylyp çykdy. Elinde-de golboýy mantirowka:
-Har-r-rammzadalar! Asyl kakamyň iýmini siz ogurlan ekeniňiz-ä! Şumat maňa telefonda ite diýmezini diýd-ä-how, kakam…-diýip

ol pyýada göni bularyň üstüne gaýtdy.
Megerem ýaňky duýdansyz urgy ony serhoşlugyndan başbitin açan bolara çemeli. Ilkinji bolup Şurtyň aňy işlemäge ýetişdi. Ol göýä ýaňam bulam-delem bolup ýatmadyk ýaly, zyňlyp ýerinden turdy:
-Gaçdyk, Yrakeş! Ýaňkydan-a ýumruk iýdik! Bü bolsa kelläni mantirowkalaýa!-diýibem, gaýralygyna ýazzyny berdi.
Rakeşe-de muň ýaly zady iki aýtdyrmak gerek däl. Olam eňdi, ülpediniň yzyndan.
Haş-haşlap esli gaçdylar.
Soň daljygyp, demi demlerine ýetmän, yzlaryndan kowalaýanyňam ýokdugyny görüp durdylar.
Hyýgyldap, sojap durşuna Rakeş soraman saklanyp bilmedi:
-Şurt druk, o ýaňky Möwwet agalardaky kaçok nämüçin sende ýok mende wuruberdil-aý? Nä, “Möwwet aga” diýýäniň ölüpdirmi? Onna o ýaňky, biz bagçylykda otyrkak, tilfonda gepleşýän kimdi? Özüň: “Möwwet aga” diýdiň däm-aý?
Demini dürsäp, eglip durşuna Şurt: “Men näbileýin-aý?” diýen terzde, egnini gysdy. Soňam hüňürdedi:
-Menem adam. “Möwwet aga” diýip ýalňyşandyryn-da. O bendäň kaza bolanyny näbileýän-aý onnoňam? Özüň bilýäň, ikimiziň sammyk kellämiziň dury wagtyndan dumanly wagty on bäş esse. Onnoň bü, ýagşylyk etjek bolsaňam, ilk-ä malçyldadyp burnuňy döwýän, soňam o edeninem az görüp, kelläňi döwjek bolup, üstüňe eli mantirowkaly topulýan saňsar obada, kimiň-ä öli, kimiňem diri gezip ýörenini nädip ýatda saklajag-aý?!
Şeý diýdi-de Şurt dikeldi. Soňam üstüne goşdy:
-Ýöne bar-a, Yrageş druk, sen maňa näçe drugam bolsaň, inni şunnan beýläk dagy-duwara, wäpçe ölýänem bolsaň, maňa: “ile ýagşylyk edeli” ýa “sogap gazanaly” diýmegiň! Bolýamy?! Gerekgä maňa, beýle marožno! Bormy?
Rakeş sesini çykarman baş atdy. Satiriki hekaýalar